# Dünýä neneň gözel

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dünýä neneň gözel DÜNÝÄ NENEŇ GÖZEL



***«Dünýä neneň kirli, niçiksi hapa…»***
*Has TÜRKMEN*.
Dünýä neneň gözel, niçiksi tämiz,

Hatda toprak göwünlerden arassa.
Ýöne dünýä demimizden bogulýar,
Adamlar däl, aslynda ol neresse.

Arassa suw ýa-da bolsun bulançak,
Ýalan däldir, ol şeýlebir görmegeý.
Baky alaw ykballary ýakmasyn,
Goý, ýylatsyn, Allahym köp görmegeý!

Barlyk şeýle ümsüm hem-de asuda,
Tykyrdy ýok, herekediň keşbi bar.
Dünýä şeýle gohly, şeýle şadyýan,
Heýjan edýän Biribaryň yşgy bar.

Dünýä örän giňiş köňül deý ylla,
Ýöne welin, adam bilen daraldy.
Barlyk juda päkizedi… ýönesi!
Ah, el degdi, ana soňra garaldy.

Ahmet ARAZOW. Goşgular